“TASSYKLAÝARYN”
Maýa Kulyýewa adyndaky
Türkmen milli konserwatoriýasynyň
ýanyndaky Daňatar Öwezow adyndaky
Türkmen Döwlet ýörite sazçylyk mekdebiniň
direktory__________M.B.Kerimow
“__18__” __fewral__________2026ý.

**Arkadag, Aşgabat şäherleriniň hem-de Ahal welaýatynyň ýörite orta hünär sazçylyk we sungat mekdepleriniň talyplarynyň arasynda “Watan waspçylary” atly kompozisiýa boýunça döredijilik bäsleşiginiň**

## DÜZGÜNNAMASY

Arkadag, Aşgabat şäherleriniň hem-de Ahal welaýatynyň ýörite orta hünär sazçylyk we sungat mekdepleriniň talyplarynyň arasynda “Watan waspçylary” atly kompozisiýa boýunça döredijilik bäsleşigi saz döretmäge höwesli talyplaryň arasynda kompozitorçylyk ukyby bolan zehinli ýaşlary ýüze çykarmak, olary döredijilige höweslendirmek, türkmen kompozitorçylyk mekdebinde halypa-şägirtlik ýoluny dowam etdirmek maksady bilen geçirilýär.

### Bäsleşigiň geçiş tertibi we şertleri

1. “Watan waspçylary” atly kompozisiýa boýunça döredijilik bäsleşigi (mundan beýläk – Bäsleşik) Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebi tarapyndan kompozitor Daňatar Öwezowyň 115 ýyllyk ýubileýine bagyşlanan döredjilik hepdeliginiň çäklerinde geçirilýär.
2. Bäsleşige Maýa Kulyýewa adyndaky TMK-nyň ýanyndaky Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebiniň, Sahy Jepbarow adyndaky Arkadag şäher ýörite sungat mekdebiniň hem-de Ahal welaýat ýörite sungat mekdebiniň talyplaryndan döredijilige ukyply ýaşlar okaýan hünärine we ýylyna garamazdan gatnaşyp bilerler.
3. Bäsleşik bir tapgyrda geçirilip, bäsleşige gatnaşyjylar wokal žanrynda ýa-da instrumental žanrda öz döreden eserini hödürlemeli. Döredilen eseriň nota ýazgysyny emin agzalaryna tabşyrmaly hem-de ýekelikde ýa-da dürli

görnüşdäki orkestr, hor we ansambl toparlary tarapyndan janly ýerine ýetirilişde diňletmeli.

4. Bäsleşigiň Emin agzalary Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň halypa we tejribeli mugallymlaryndan ybarat bolar.
5. Bäsleşigiň geçiş tertibi oňa gatnaşyjylaryň bije çekmekligi esasynda 2026-njy ýylyň 13-nji martynda sagat 09:00-da Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebinde geçiriler

*Guramaçylyk toparynyň salgysy:*
Aşgabat şäheri, 1984-nji (Puşkin) köçe, 22-nji jaý.
***Habarlaşmak üçin telefon belgisi:*** 92-52-19; 864-60-01-55.
*Elektron salgysy:* tdysm@sanly.tm ýa-da d.owez@mail.ru

**Bäsleşigiň ýeňijileriniň sylaglanyşy**

Bäsleşigiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy 2026-njy ýylyň mart aýynyň 14-ne Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynda geçiriler.

Bäsleşigiň eminler topary tarapyndan I, II we III orunlar kesgitlener. Eminleriň çykaran netijeleri gutarnykly bolup, gaýtadan seretmäge degişli däldir.

**Bäsleşigiň eminler toparynyň düzümi:**

1. **Daňatar Hydyrow –** Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň "Kompozisiýa we gurallama" kafedrasynyň uly mugallymy, Türkmenistanyň halk artisti, kompozitor;
2. **Suhan Tüýliýew –** Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň "Kompozisiýa we gurallama" kafedrasynyň uly mugallymy, Türkmenistanyň sungatda at gazanan işgäri, kompozitor;
3. **Meret Annamyradow -** Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň "Kompozisiýa we gurallama" kafedrasynyň uly mugallymy, kompozitor.